Alymlar şu gün dünýäniň ekologik ýagdaýyny howpa örän ýakyn diýip häsiýetlendirýärler. Şol sebäpli hem XXI asyrda adamzat köp sanly ekologik meseleleriň üstünde «kelle agyrdýar». Olary çözmäge çalyşýar. Şu ýerde «Häzirki wagtda nämelere ählumumy ekologik meseleler diýip bolar?» diýen sowal ýüze çykýar. Bu sowala ekologlar şeýle jogap berýär:

**Atmosferanyň hapalanmagy;**

**Ozon gatlagynyň bölekleýin bozulmagy;**

**Ählumumy maýlamak;**

**Kislotaly ygallar;**

**Topragyň hapalanmagy;**

**Ummanlaryň hapalanmagy;**

**Älem giňişliginiň hapalanmagy.**

Dogrudan hem, öňde duran meseleler az däl. Zeleliň ýaryndan gaýtmak hem bir peýda diýipdirler. Dünýämizi halas etmäge mümkinçiligimiz bar. Ählumumy ekologik meseleleri çözmegiň esasy ugurlary hökmünde bolsa hünärmenler şu aşakdakylary görkezýärler:

Önümçiligi ekologiýalaşdyrmak: tebigy serişdeleri tygşytlaýjy tehnologiýalary ulanmak, täze taslamalara hökmany ekologiýa seljermesini geçirmek, hakykatda bolsa, galyndysyz tehnologiýalary döretmek;

Tebigy serişdeleriň, aýratyn hem, adamyň ýaşaýşy üçin wajyp ähmiýeti bolan energetik çeşmeleriň (nebit, kömür) sarp edilişini oýlanyşykly çäklendirmek;

Tebigat üçin netijeli, howpsuz we iň ýokary derejede zyýansyz bolan energiýa, şol sanda älem çeşmeleriniň täze görnüşlerini gözlemek we ornaşdyrmak;

Tebigaty halas etmek üçin ähli ýurtlaryň mümkinçiliklerini birleşdirmek;

Jemgyýetde ekologik aňy döretmek we ösdürmek.

Все права защищены

save pdf date >>> 23.11.2024